# AHLAK KODEKSI

BOUYGUES

Making progress become reality

# MAZMUNY


SÖZBAŞY ........................................................................................................................ 1

KESGITLEMELER........................................................................................................................ 2

I. AHLAK KODEKSI : NÄME ÜÇIN GEREK ? ................................................................................ 3

III. AHLAK TAÝDAN DOLANDYRYŞ........................................................................................... 5

IV. UMUMY GYMMATLYKLAR ................................................................................................... 6

1. Hormat.................................................................................................................................. 6

2. Bütewilik ............................................................................................................................... 7

3. Jogapkärçilik ......................................................................................................................... 8

V. GÜNDELIK HEREKETIŇ DÜZGÜNLERI ................................................................................. 10

1. Işgärleriň we ýolbaşçylaryň edepleri.................................................................................. 10

2. Gatnaşýan taraplaryň etikasy............................................................................................. 13

VI. AHLAK KODEKSINI ÝERINE ÝETIRMEK ............................................................................... 14

1. Iş bölümlerinde ahlak kodeksini durmuşa geçirmek........................................................... 14

2. Etika komiteti ...................................................................................................................... 14

3. Çalyşmak we öňüni almak.................................................................................................. 14

4. Jogapkärçilikli bolmak hem duýduryş bermegi aňladýar ................................................... 14

GOŞUNDY : DUÝDURMAK ULGAMY - DUÝDURYŞLARY KABUL ETMEGIŇ WE DOLANDYRMAGYŇ IÇERKI PROSEDURASY........................................................................................................ 16

## SÖZBAŞY

“Buig” toparynyň üstünligi we geljegi onuň işgärlerine, paýdarlaryna, döwlet we hususy hyzmatdaşlaryna we esasanam ähli gatnaşýan taraplara bildirýän ynamyna baglydyr.

Bu ynam esasanam, 2006-njy ýylda döredilen kanuny ýa-da jemgyýetçilik ösüşleri bilen yzygiderli doldurylýan we täzelenýän Toparyň ähli kärhanalaryna mahsus bolan ahlak kadalarynyň berjaý edilmeginden gelip çykýar.

Bu ahlak kadalary ähli ýurtlarda we islendik ýagdaýda iş alyp barmak üçin gerek bolan esasy umumy gymmatlyklaryň daşyna ähli işgärleri birleşdirmek üçin niýetlenendir.

Şeýlelik bilen bu ahlak kodeksi hormat, bitewilik we jogapkärçilik meselelerinde Toparyň gymmatlyklaryny görkezýär.

Bular ýolbaşçylaryň, menejerleriň we işgärleriň gündelik işlerinde ýol görkezmeli ýörelgelerdir.

Siziň bu kodeks bilen tanyşmagyňyz, ony beýlekilere tanyşdyrmagyňyz we işiňiziň dowamynda ony berk ýerine ýetirmegiňiz hökmanydyr.

Ahlak kodeksini berjaý etmeklik her kimiň aladasy bolmaly we ähli Buig Toparynyň ösüşini dowam etdirmäge mümkinçilik bermeli.

Martin Buig
Müdiriýetiň Başlygy

Oliwýe Russa
Toparyň Baş Direktory

# KESGITLEMELER

**Ýolbaşçy :** Toparyň her guramasynyň direktorlaryny aňladýar.

**Gurama :** Toparyň Iş bölümleri tarapyndan gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn "gözegçilik edilýän" fransuz we daşary ýurt hukuk kompaniýalaryny we guramalaryny aňladýar.

**Topar**: Bu Buig SA tarapyndan gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn "gözegçilik edilýän", Buig SA we ähli fransuz we daşary ýurt hukuk kompaniýalary, Guramalary (Buig SA tarapyndan dolandyrylýan bilelikdäki kärhanalary, Işewürlik bölümileri  ýa-da Guramalary) diýmekdir. "Gözegçilik"diýmeklik, Fransiýanyň Söwda kodeksiniň L. 233-3 we L. 233-16 maddalarynyň birleşdirilen düzgünlerinde berlen manyny berýär we netijede « hukuk barlagy » we « hakyky barlagy» gözegçiligi öz içine alýar.

**Menejer:** her bir Işewürlik bölümi öz ýerine ýetirýän amallaryna we işlerine laýyklykda "menejer" düşünjesini kesgitlär.

**Işewürlik bölümi**: bu resminamada Buig SA we Toparyň Işewürlik bölümleriniň her birini ýagny, şu günki senä çenli Bouygues Construction, Bouygues Immobilier we Colas (Gurluşyk kärhanalary), TF1 (Media, Bouygues Telecom (Telecoms) we Equans (Energiýa we Hyzmatlar) diýmekligi aňladýar.

**Etika bölüminiň işgäri we ýerine ýetiriş işgäri:** her bir Işewürlik bölümde we Buig SA-nyň Toparda belleýşi ýaly, etika boýunça Jogapkär işgär aslynda ýuridiki direktor bolýar. Etika boýunça Jogapkär işgär degişli guramanyň baş geňeşçisi bolup, Toparyň Etika kodeksini, Korrupsiýa garşy göreşde özüňi alyp barmaklygyň kodeksini, ýerine ýetiriş programmalaryny we syýasatlaryny ýaýratmak we durmuşa geçirmek üçin jogapkärdir. Oňa bu meseleleriň amaly ýerine ýetirilmegine ylalaşygyň Jogapkär işgäri goldaw berip biler.

# I. AHLAK KODEKSI : NÄME ÜÇIN GEREK ?

Buig toparynyň abraýy we berkligi onuň gatnaşýan taraplarynyň, işgärleriniň we uly ýolbaşçylarynyň hormat, bitewilik we jogapkärçilik şeýle-de, esasy umumy gymmatlyklaryna goýýan hormatynyň netijesinde ýüze çykýan ynamyna esaslanýar.

Bu gymmatlyklar biziň Iş bölümlerimiziň ähli işlerini ugrukdyrmak üçin niýetlenendir.

Bu ahlak kodeksi her kimiň ähli ýagdaýlarda özlerini göreldeli alyp barmaklaryny üpjün etmegi maksat edinýär.

Bu resminamanyň maksady - Toparyň uly ýolbaşçylaryny we işgärlerini umumy gymmatlyklaryň daşyna jemlemek. Bular biziň jogapkärçiligimiziň derejesine garamazdan gündelik gelýän netijelerimize ylham bermeli.

Hereketleriň jemleýji ýörelgeleri ahlak kadalary we şonuň bilen birlikde biziň esasy umumy gymmatlyklarymyzy bozup biläýjek islendik ýagdaýdan gaça durmak üçin zerur bolan özüňi alyp barşyňy jikme-jik görkezýän anyk resminamada ýagny, korrupsiýa garşy göreşde özüňi alyp barmaklygyň kadasynda beýan edilýär.

Mundan başga-da, Toparyň käbir möhüm meselelerini has anyk işlemeklik üçin laýyklyk [1] we syýasy[2] programmalary işlenip düzüldi.

Bu resminamalar (korrupsiýa garşy göreşde özüňi alyp barmaklygyň kadasy, laýyklyk we syýasy programmalary) amaly çäreleri emele getirýän ahlak kodeksiniň aýrylmaz bir bölegidir.




Zerur bolaýan ýagdaýynda Iş bölümi tarapyndan kesgitlenen proseduralar (ýörelgeler) bilen üsti ýetirilip bilner.

(1) bu kodeksiň senesine görä «Gadagan, ykdysady sanksiýalar we eksport çaklendirmesi» laýyklyk programmasy, «Bäsdeşlik» laýyklyk programmasy, «Maliýe hasaplama we büjet amallary» laýyklyk programmasy we «Gyzyklanmalaryň gapma-garşylygy» laýyklyk programmasy
(2) bu Kodeksiň senesine görä, "Sowgatlar we çakylyklar" syýasaty

# II. **AHLAK KODEKSI: KIM ÜÇIN GEREK?**

Bu ahlak kodeksi Gurama, taslama ýa-da degişli ýurduna garamazdan, Toparyň[1] ähli işgärleriniň we uly ýolbaşçylarynyň ýerine ýetirýän işleriniň çäginde ulanylýar.

Ol biziň bilen gatnaşyk saklaýan ähli gyzyklanýan taraplarymyz bilen paýlaşmak üçin niýetlenendir. Biz olaryň ahlak kodeksimizde kesgitlenen ýa-da oňa laýyk gelýän standartlary ulanmaklygyna garaşýarys.

Toparyň uly ýolbaşçylary ahlak kodeksiniň dogry we doly ulanylmagyny üpjün etmek üçin jogapkärçilik çekýärler. Bu işde olara gündelik durmuşa geçirilmegini we hemmeler tarapyndan kabul edilmegini kepillendirýän etika boýunça Jogapkär işgärleri goldaw berýärler.

(1) Topar guramasy we hyzmatdaşy tarapyndan bilelikde dolandyrylýan kärhana we bu kodeksiň berjaý edilmegini talap etmek mümkin bolmadyk halatynda hyzmatdaşdan iň azyndan kesgitlenen standartlara laýyk gelýän standartlary ýerine ýetirmegi barada şertnama baglaşmagy talap edilmelidir.

# III. AHLAK TAÝDAN DOLANDYRYŞ

Topar islendik ahlak taýdan çemeleşmäniň hökmany şertine ýolbaşçynyň görelde bolýandygyna ynanýar. Işgärleriň birleşmesi Toparyň medeniýeti we ahlak gymmatlyklarynyň ýolbaşçylar tarapyndan ýerine ýetirilmegine hormat goýmaklykdan durýar.

Uly ýolbaşçylar we menejerler diňe bir ýokary ahlak kadalaryny ulanmak bilen çäklenmän eýsem, bu hereketi işgärlerine hem ýetirmelidirler.

Şeýlelik bilen ýolbaşçylar we menejerler ýokary dolandyryş etikasyna eýe bolmalydyrlar, esasan hem:

- şu kodekse ters gelýän ähli hereketlerden saklanmaly;
- adalatly bolmaly, diskriminasiýanyň ähli görnüşlerini gadagan etmeli we her bir işgäre deň hukukly garamaly;
- özleriniň ýolbaşçylyk edýän ýerlerinde özlerine we başgalaryna hormat goýmaly we gorkuzýan, duşmançylykly gurşaw döredip, adamyň mertebesini pese gaçyrjak islendik jynsparaz, kemsidiji sözleri ýa-da sözlemleri ýazgarmaly; şeýle-de
- dolandyryş etikasyna ters gelýän ýagdaýlarda tiz wagtda ähli zerur çäreleri görmeli.

# IV. UMUMY GYMMATLYKLAR

## *Hormatly, dogruçyl we jogapkär ykdysady oýunçy bolmak*

### 1. Hormat

Hormat Toparyň möhüm gymmatlygy hasaplanyp, ol içki (Toparyň işgärlerine we uly ýolbaşçylaryna) we daşky (gatnaşýan taraplara we ähli üçünji taraplara) tarapdan hemme şahsyýetiň özüni alyp barşyny ugrukdyrmalydyr.

Şeýlelik bilen her bir Iş bölümi we Gurama öz iş salyşýan şahsyýetine hormat bilen garaýandygyny kepillendirýär.

#### Işgärler we uly ýolbaşçylar

Topar jyns, etnik gelip çykyşy, dini ýa-da ynanjy, maýyplygy, ýaşy, jyns ugry ýa-da milleti tapawudy bolmazdan adalatly adam resurslary syýasatyny ulanmagy maksat edinýär. Ol ähli ugurlarda ulanylýan jyns taýdan deňligi (okuw, klassifikasiýa, wezipesini ulaltmak, başga işe geçirmek, hak tölemek we ş.m.), şeýle hem karýera ýollarynyň we diplomlarynyň hünäre görä ulanylyşyny amala aşyrýar.

Şeýle hem Topar işgärleriň we ýolbaşçylaryň şahsy maglumatlaryna, şahsy durmuşyna hormat goýmagy we işlerini ýerine ýetirenlerinde howpsuzlygyny we saglygyny üpjün etmegi maksat edinýär.

Edil şonuň ýaly hem Topar öz işgärlerinden we ýolbaşçylaryndan her gün hormat goýmaga çalyşmagyna garaşýar:

- **Edaranyň içinde,** öz kärdeşleri, ýolbaşçylary ýa-da gol astyndakylar bilen; şeýle-de
- **edaranyň daşynda**, gatnaşyk saklaýan taraplary bilen (häkimiýetler, buýrujylar, üpjün edijiler, paýdarlar we ş.m.).



**Gatnaşýan taraplar**

Toparyň dürli gatnaşýan taraplary (häkimiýetler, müşderiler, üpjün edijiler, paýdarlar we ş.m.) bilen alyp barýan gatnaşyklarynda hormat möhümdir. Şeýle hem Topar özara gatnaşyklarynyň kim bilen gürleşýändigine garamazdan dogruçyllyk we adalatlylyk bilen alnyp barylmagyny üpjün edýär.

Edil şonuň ýaly-da Topar ähli gatnaşýan taraplaryň özara hormatyna garaşýar.




Netijede, Topar adam hukuklaryna hormat goýmak baradaky borçnamalaryny ýerine ýetirmekligi öňe sürýär esasanam:

- Birleşen Milletler Guramasynyň adam hukuklarynyň Ähliumumy jarnamasynyň ýörelgeleri;
- Halkara Zähmet Guramasynyň (HZG) esasan hem mejbury zähmet ýa-da çaga zähmeti bilen baglanyşykly esasy konwensiýalary; we şeýle hem
- Birleşen Milletler Guramasynyň Global Ylalaşygynyň ýörelgeleri.

## 2. Bütewilik

Topar esasanam korrupsiýa garşy göreş we öz wezipesini erbet maksat üçin ulanmaklyga garşy kanunlaryň, düzgünleriň we içerki ülňüleriň berk berjaý edilmegine uly ähmiýet berýär; esasan hem bäsdeşlik kanuny; bir marketa düzgünleri; ykdysady sanksiýalar çäreleri; gyzyklanma gapma-garşylyklarynyň öňüni almak; adam hukuklary; esasy azatlyklar; daşky gurşawy goramak; işde arassaçylyk, saglyk we howpsuzlyk; şahsy maglumatlary goramak.

Bu nukdaýnazardan ugur alyp, Topar ýolbaşçylaryň we işgärleriň her gün ulanmaly düzgünlerini jikme-jik beýan edýän dürli tekstleri neşir etdi. Bu düzgünleriň hemmesi korrupsiýa garşy göreşmekde özüňi alyp baryş kodeksinde we zerur bolan halatynda beýleki resminamalar (syýasatlar, proseduralar, teklipler we ş.m.) bilen doldurylyp bilinjek dürli laýyklyk programmalarynda beýan edilýär.




Iş bölümleri işgärler we ýolbaşçylar üçin we şeýle-de ähli beýleki işgärler we ýolbaşçylar üçin öz Guramalarynda, Iş bölümlerinde we/ýa-da Bouygues SA –da islendik bikanun hereketlerde öz jogapkärçiliklerini duýarlar ýaly maksady bilen okuwlary gurnaýar.

Şeýlelik bilen biz her bir işgärden we ýolbaşçydan şu aşakdakylary garaşýarys:

- öz işine degişli düzgünleri barada gowy düşünjesi bar;
- öz hereketleriniň kanuna laýyk gelýändigine yzygiderli üns beýär; we
- zerur bolan ýagdaýynda özüniň gönüden-göni ýolbaşçysyndan, hukuk bölüminden, laýyklyk bölüminiň Jogapkär işgärinden ýa-da ahlak bölüminiň Jogapkär işgärinden maslahat alýar.

Islendik düzgün bozmalar ýurduň içinde we/ýa-da ygtyýarly kazyýet we dolandyryş edaralary tarapyndan sanksiýalara sebäp bolup biler we netijede hem abraýdan düşürip biler.

Bu kodeks barada, has takygy etika meselesi boýunça sorag ýüze çykan wagty işgär bu kadalar we özüni alyp baryş kodeksi barada özüniň gönüden-göni ýolbaşçysyna, hukuk bölümine, laýyklyk bölüminiň Jogapkär işgärine ýa-da ahlak bölüminiň Jogapkär işgärine sorag bilen ýüz tutup biler.

## 3. Jogapkärçilik

Ahli uly ýolbaşçylar we işgärler Toparyň umumy gymmatlyklaryny göz öňüne tutmak bilen iş etikasyny, bu ahlak kodeksiniň düzgünlerini, hereketiň jikme-jik ýörelgelerini, korrupsiýa garşy göreşmek kodeksini, Toparyň laýyklyk we syýasy programmalaryny we şeýle-de eger zerur bolsa, Iş bölümleriniň ýörelgelerini ýerine ýetirmelidirler.

Ýolbaşçylar we menejerler hem bu ahlak kodeksiniň ilçileridir. Şeýlelik bilen olar işgärlere Toparyň ahlak medeniýetini gowy öwrenmekleri üçin mümkinçilik berýän özara aragatnaşyk we okuw çärelerini geçirýärler.

Bu jogapkärçilik örän güýçlidir, sebäbi şu kodeksde görkezilen düzgünleri berjaý etmezlik, Topar tarapyndan bu düzgünleri bilkastlaýyn bozan işgärlere we ýolbaşçylara garşy raýat jogapkärçiligine çekilmegine sebäp bolup biler.

Mundan başga-da, Toparyň hereketleri her bir işgäriň we ýolbaşçynyň bilmeli jemgyýetçilik jogapkärçiligini hem öz içine alýar.

Hakykatdanam, biziň işimiziň ösmegi jemgyýetçilik we daşky gurşaw jogapkärçiligi nukdaýnazaryndan alaňda, halkara ülňülerine berk we gürrüňsiz boýun egmegi talap edýär.

Üpjün edijiniň we kömekçi potratçynyň CSR düzgünnamasy, Toparyň üpjün edijilerine we kömekçi potratçylaryna etika, korrupsiýa garşy göreş, adam hukuklaryna we zähmet standartlaryna hormat goýmak, adam saglygyny goramak we daşky gurşawy goramak babatynda garaşýan borçnamalaryny resmileşdirýär.

Netijede, alyp barýan işleriniň sosial we daşky gurşawa ýetirýän täsirini üns merkezinde saklamak bilen, Topar işleýän ýurtlarynyň ýerli jemgyýetleri bilen dowamly aragatnaşyk gurmak üçin hemaýatkärlige uly baha berýär.

# V. GÜNDELIK HEREKETIŇ DÜZGÜNLERI

## 1. Işgärleriň we ýolbaşçylaryň edepleri

Işgärleriň we ýolbaşçylaryň ahlak hereketleri Toparyň we Iş bölümleriniň ýerine ýetirýän işiniň netijesini kesgitleýär.

Biz her bir işgärden we ýolbaşçydan şulara garaşýarys:

- öz Guramasynyň, Iş bölüminiň we Toparynyň iň oňat bähbitlerine hormat goýmak we wepaly bolmak;
- edaranyň içki borçnamalaryny we üçünji taraplaryň öňündäki borçnamalaryny ýerine ýetirmek;
- öz Guramasyny, Iş bölümini we Toparyny kemsitmekden saklanmak; we
- Toparyň umumy gymmatlyklaryny edil edaranyň içinde boluşy ýaly, gatnaşýan taraplar babatynda hem ýokarda goýmak, esasanam şu nukdaýnazardan öz içine alýar:



### YNSAN HUKUKLARYNA HORMAT

Her ýyl Topar ähliumumy hasaba alyş resminamasynyň bir bölegi hökmünde hüşgärlik meýilnamasyny düzýär we neşir edýär. Bu hususan-da Toparyň şeýle hem onuň bilen gatnaşyk saklaýan kömekçi potratçylarynyň we üpjün edijileriniň alyp barýan işleriniň netijesinde ýüze çykýan töwekgelçilikleri ýüze çykarmak we adam hukuklarynyň we düýpli azatlyklaryň çynlakaý bozulmagynyň öňüni almak üçin degişli çäreleri öz içine alýar. Ýolbaşçylar we işgärler hüşgärlik meýilnamasyna, esasanam öz ýerine ýetirýän işleriniň çäginde adam hukuklary babatynda jogapkärçilik çekýärler.



### DAŞKY GURŞAWA HORMAT

Topar daşky gurşawy goramak babatynda iň ýokary standartlara goldaw bermegi maksat edinýär. Howanyň adatdan daşary ýagdaýlary bilen ýüzbe-ýüz bolan Topar, Pariž şertnamasyna laýyk gelýän maksatlary kesgitlemek bilen 2030-njy ýyla çenli parnik gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak barada özüne anyk borçnama aldy. Şonuň üçin her bir işgär we ýolbaşçy bu ugurda etmeli işinden habarly bolmalydyr. Ol öz işiniň dowamynda daşky gurşawa täsirini azaltmagyny, tebigy baýlyklary goramaklygy we galyndylar bilen işleşmegi üpjün edýär.



### ARASSAÇYLYK WE HOWPSUZLYK

Topara işde bolup geçýän heläkçilikler we döreýän keselleriň töwekgelçiliginiň öňüni almaklyk hökmanydyr. Hususan-da, ol her bir adamdan arassaçylyk we tehniki howpsuzlyk talaplarynyň hemmesini doly berjaý etmegini talap edýär. Bu maksat bilen hem işgärler we ýolbaşçylar Toparyň içinde ýerleşdirilen howpsuzlyk kadalary baradaky goýlan görkezmeleri yzygiderli okamalydyrlar.

## JEMGYÝET DURMUŞYNA GATNAŞMAKLYK WE EDARANYŇ BITARAPLYGY



Topar jemgyýetçilik durmuşyna gatnaşýan işgärleriniň we ýolbaşçylarynyň borçnamalaryna hormat goýýar. Saýlawda durýan ýa-da syýasy mandaty ýerine ýetirýän işgärler we ýolbaşçylar hiç hili ýagdaýda kemsidilmeli däldir. Topar syýasy bitaraplyk garaýşyny saklamagy maksat edinýär. Şonuň üçin her bir işgär we ýolbaşçy öz pikir azatlygyny we syýasy işjeňligini zähmet şertnamasynyň daşyndan, öz hasabyna we şahsy esasda ulanýarlar. Ol özüniň Toparyň agzasydygyny habar berip, Toparyň işini ýerine ýetrimekden saklanýar. Şulardan ugur alyp, her bir işgär we ýolbaşçy gyzyklanmalaryň gapma-garşylygy nukdaýnazaryndan laýyklyk programmasynyň berjaý edilmegini üpjün edýär.

Topar öz işgärleriniň we ýolbaşçylarynyň hususy ugurda öz ynamlaryny beýan edenlerine hormat goýýar. Syýasy, dini we pelsepewi ynançlary beýan etmekde bitaraplyk ýörelgesine hormat goýulmalydyr, bu edaraynyň içindäki islendik wagyz-nesihat işini aradan aýyrýar.

## GYZYKLANMALARYŇ GAPMA-GARŞYLYKLARYNY DOLANDYRMAK



Her bir işine wepaly işgär we Ýolbaşçy öz Guramasy, Iş bölümi we eger-de zerur wagty Topary bilen gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn gyzyklanmalary gapma-garşylyk ýagdaýynda goýmaýar. Gyzyklanmalaryň gapma-garşylyk düzgünleriniň ýerine ýetirme programmasyna laýyklykda, ol hiç bir zady goýbermezden özüniň duçar bolan ýagdaýyny, ýagny gyzyklanmalaryň gapma-garşylyk ýagdaýy barada özüniň ýolbaşçylaryna habar berýär. Şeýle ýagdaýda ol edaranyň wekili hökmünde hereket etmekden we gatyşmakdan saklanýar.  Şeýle-de ol gyzyklanamalaryň gapma-garşylygy ýüze çykýan netijä gelmek işine gatnaşmakdan saklanýar.

## ÄHLI GÖRNÜŞLERDÄKI KORRUPSIÝANY, HUKUK BOZMAKLYGY WE ÖZ WEZIPESINI ERBET MAKSAT ÜÇIN ULANMAKLYGY RET ETMEK



Topar bu ugurlarda “rugsat bermezlik” syýasatyny kabul etdi. Şeýlelik bilen, her bir işgäriň we ýolbaşçynyň korrupsiýa, parahorluk ýa-da hukuk bozmaklyga täsir edip biljek hereketlerinden gaça durmagyna garaşylýar. Toparyň korrupsiýa garşy göreşde özüňi alyp barmaklygyň kadasy durmuşa geçirilmeli ülňüler we amallar barada jikme-jik maglumat berýär.

## ŞAHSY MAGLUMATLARA DEGIŞLI DÜZGÜNLERI ÝERINE ÝETIRMEKLIK



Topar şahsy maglumatlary, hususan-da GDPR-ny goramak bilen baglanyşykly ähli düzgünleri ýerine ýetirýär.  Her bir işgäriň we ýolbaşçynyň bu ugurda degişli ülňüleri ulanmagyna we işleriniň dowamynda toplanan şahsy maglumatlary ýerine ýetirmegini üpjün etmegine garaşylýar.

## MALIÝE MAGLUMATLARYNYŇ ARAGATNAŞYGY

Topar, maliýe maglumatlary aragatnaşygynda aç-açanlygy we ygtybarlylygy gözleýär. Her bir işgäriň we ýolbaşçynyň öz wezipesi bilen bagly bolan maglumatlarynyň görnüşlerini Toparyň daşynda aýan etmezligine garaşylýar. Şeýle hem bu maglumatlar bilen tanyşmaga ygtyýary bolmadyk Toparyň işgärlerine ýa-da ýolbaşçylaryna habar berip bilinmez.

## GULLUK MAGLUMATLARYNY ERBET MAKSAT ÜÇIN ULANMAKLYGYŇ ÖŇÜNI ALMAKLYK

Topar birnäçe sanalan edaralardan durýar. Her bir işgär we Ýolbaşçy Topar tarapyndan dolandyrylýan sanawda görkezilen kompaniýanyň paýnamalarynda ýa-da Topar bilen geleşiklere gatnaşýan kompaniýanyň paýnamalarynda geleşik geçirilende seresap bolmalydyrlar. Şu sebäpden hem ylalaşyk maksatnamasy kabul edildi.

## BÄSDEŞLIGIŇ KANUNYNY ÝERINE ÝETIRMEKLIK

Topar bäsdeşlik kanunlaryna (şertnamalaryň gadagan edilmegi we ýokary wezipeden hyýanatçylykly peýdalanmak we bäsdeşlik kanunlaryna ters gelýän beýleki amallar) laýyk gelmeýär. Özüňi alyp barmaklyk ýörite laýyklyk programmasynyň çäginde jikme-jik görkezilýär.  Hususan-da, her bir işgäriň we Ýolbaşçynyň bazardaky bäsdeşligiň öňüni almak, çäklendirmek ýa-da ýoýmak maksady ýa-da täsiri bolan hereketlerden saklanmagyna garaşylýar.

## GADAGAN, YKDYSADY SANKSIÝALAR WE EKSPORT ÇÄKLENDIRMESI

Halkara gatnaşygy we ýerine ýetirýän işiniň häsiýeti sebäpli Toparyň gadagan, ykdysady sanksiýalar we eksport gözegçiligi bilen baglanyşykly düzgünleri ýerine ýetirmegine garaşylýar. Bu maksat bilen hem Topar her bir işgäriň we menejeriň berjaý etmeli ýörite laýyklyk programmasyny düzdi.

## AKTIWLERI GORAMAKLYK

Her kim gelip çykyşyna, tebigatyna ýa-da maksadyna garamazdan toparyň material/material däl, maddy/maddy däl aktiwleriniň bitewiligini üpjün edýär: pikirler ýa-da başarnyklary, müşderiler, bazar maglumatlary, tehniki ýa-da täjirçilik amallary, statistiki maglumatlar, gozgalýan we gozgalmaýan emläkler we ş.m. Bu borç işgäriň Topardan işden çykandan soň hem dowam edýär. Toparyň aktiwleri işi bilen baglanyşykly bolmadyk maksatlar ýa-da bikanun maksatlar üçin ulanylyp bilinmez (şahsy maksatlar üçin ulanmak ýa-da üçünji tarap üçin elýeterli etmek). Topar aragatnaşyk ulgamlaryny we internet torlaryny hünär taýdan ulanmaga aýratyn ähmiýet berýär. Şahsy maksatlar üçin ulanmak diňe kanuny, esasly, zerur we ýerlikli bolsa rugsat edilýär.

### TOPARYŇ IÇINDÄKI DUÝGUDAŞLYK

Bu biziň Iş bölümlerimiziň baýlygy bolup, biz edaramyzyň içki raýdaşlyk gatnaşyklarynyň saklanmagyny isleýäris. Şeýlelik bilen haçan-da birnäçe topar Guramalary biri-biri bilen iş gatnaşyklaryny ýola goýmaga çalyşýan bolsalar, müşderiler, üpjün edijiler ýa-da daşarky hyzmatdaşlar bilen hem edil şonuň ýaly gatnaşygy ugrukdyrylar. Her bir işgär we menejer, öz işini alyp barýan Kärhananyň gyzyklanmalary barada alada etmeli we şeýle hem özüniň alyp barýan haýsy iş ugury boýunça bolsa-da, Toparyň içindäki gatnaşyklaryň hilini we yzygiderli işlemegini üpjün edýär.

## 2. Gatnaşýan taraplaryň etikasy

Biziň Toparymyz öz üstünligi üçin gatnaşýan taraplaryna bolan ynamy we olaryň etikasyna borçludyr.

### Topar müşderileri

Müşderilerimiziň (şahsyýetler, döwlet ýa-da hususy kompaniýalar, fransuz ýa-da daşary ýurtlar, döwletler we ş.m.) dürlüligi Topar üçin baýlyk çeşmesidir. Olaryň kanagatlanmagy biziň durnuklylygymyzy we üstünligimizi kesgitleýär. Şonuň üçin hem hil biziň strategiki aladalarymyzyň biridir. Biz her bir işgäri we Ýolbaşçyny hereket edýän kadalara laýyklykda özlerini saglyk, howpsuzlyk, etika we daşky gurşaw babatynda yzygiderli ösdürmegini üpjün etmegini maslahat berýäris.

### Üpjün edijiler we kömekçi potratçylar

Biz gatnaşyklarymyzyň adalatly we ýokary hilli bolmagyny üpjün etmek bilen üpjün edijilerimize we kömekçi potratçylarymyza hormat goýýarys. Şonuň bilen birlikde biz her bir işgäri we Ýolbaşçyny şulara höweslendirýäris:

- ähli ýagdaýlarda adalatly gepleşikleri geçirmegi; we
- anyk şertnama arkaly üçünji taraplar bilen gatnaşyklary kadalaşdyrmagy.

Munuň ýerine bolsa biz üpjün edijilerimizden we kömekçi potratçylarymyzdan ahlak kodeksinde, üpjün edijiler we kömekçi potratçylar üçin CSR düzgünnamasynda görkezilen ýörelgerleri ýerine ýetirmegine garaşýarys. Olar özleriniň üpjün edijileriniň we kömekçi potratçylarynyň hem edil şolar ýaly etmekleri üçin tagalla baryny edýärler.

### Topar paýdarlary

Buig toparynyň üstünliginiň bir açary ol hem öz paýdarlaryna edýän ynamydyr. Bu bolsa netijeli gepleşikleriň we ýokary hilli, hakyky maglumatlaryň yzygiderli berilmegi arkaly mümkin boldy.

Biz Topar tarapyndan amala aşyrylýan iş gatnaşyklaryň we amallaryň fond bazarlarynyň düzgünlerine laýyk gelmegini üpjün etmegi maksat edinýäris. Bu iş gatnaşyklary we amallar hereket edýän düzgünlere we içki kadalara laýyklykda her bir Guramanyň hasaplarynda hakyky görnüşde ýazylýar.

# VI. AHLAK KODEKSINI ÝERINE ÝETIRMEK

***Topar hemmelere ahlak kodeksini durmuşa geçirmek üçin anyk serişdeleri berýär.***

## 1. Iş bölümlerinde ahlak kodeksini durmuşa geçirmek

Her Toparyň Iş bölümi şu ahlak kodeksini, korrupsiýa garşy göreşmekde özüňi alyp barmaklygyň kadasyny, laýyklyk programmalaryny we Toparyň dürli syýasatlaryny durmuşa geçirmek üçin jogapkärdir. Eger gerek bolan ýagdaýynda ol öz işiniň ýuridiki, amaly ýa-da geografiki aýratynlyklaryna laýyklykda olary dolduryp biler. Şeýle-de bolsa, bu goşundylar bu kodeksde görkezilen gymmatlyklara we hereket ýörelgelerine ters gelmeli däldir. Olar Toparyň etika boýunça Jogapkär işgäri tarapyndan tassyklanmalydyrlar.

Etika kodeksini gowy özleşdirerler ýaly we şeýle hem laýyklyk programmalary, degişli syýasatlary gowy ulanyp bilerler ýaly Toparyň işgärleri we ýolbaşçylary bu resminamalara öz içki ulgamlaryndan yzygiderli girip bilýärler. Munuň üçin Iş bölümleri bu resminamalary işgärlere we ýolbaşçylara islendik usul bilen elýeterli edýärler.

## 2. Etika komiteti

Her bir Iş bölüminde müdiriýetiň bir bölümi bolan etika komiteti döredildi. Ol etika bilen baglanyşykly meseleleri öwrenmek üçin yzygiderli ýygnak edýär. Ol bolsa hususan-da ýolbaşçylaryň we işgärleriň özüni alyp baryşlaryny beýan edýär, özüňi alyp barşyň kadalaryny ýa-da hereket meýilnamalaryny kesgitlemäge goşant goşýar. Bu komitet gurlan korrupsiýanyň öňüni almak we ýüze çykarmak ulgamyna baha berýär.

## 3. Çalyşmak we öňüni almak

Toparyň içinde gepleşik gurşawyny döretmek biziň ileri tutýan işimizdir. Biz hakykatdanam ahlak kodeksiniň gündelik durmuşa geçirilmeginiň käwagt aňsat däldigine we soragyň döräp biljekdigine düşünýäris.

Şonuň üçin biz her kimiň ahlak kadalaryna bolan garaýyşlaryny we aladalaryny beýan edip bilmeklerini isleýäris we olaryň ýolbaşçylarynyň olary diňlejekdiklerine we goldajakdyklaryna ynanýarys.

Şübhe ýa-da ynamsyzlyk ýüze çykan halatynda her bir işgär ýa-da uly ýolbaşçylar özüniň gönüden-göni ýolbaşçysyna, hukuk bölümine, normatif talaplary ýerine ýetirmek boýunça Jogapkär işgär ýa-da etika boýunça Jogapkär işgär bilen maslahatlaşmaga çagyrylýar.

Şeýle hem biz gatnaşýan taraplarymyzy ahlak kodeksiniň we talaplary ýerine ýetiriş ulgamynyň dogry ulanylmagy bilen baglanyşykly islendik sorag üçin Iş bölüminiň we/ýa-da Toparyň etika boýunça Jogapkär işgärleri bilen maslahatlaşmaga çagyrýarys.

## 4. Jogapkärçilikli bolmak hem duýduryş bermegi aňladýar

Biz işgärleri (hat-da resmi däl ýa-da wagtlaýyn) we ýolbaşçylary öz gönüden-göni ýa-da göni däl ýolbaşçylaryna, ýurudiki bölümine, normatif talaplary ýerine ýetirmek boýunça Jogapkär işgärine, Iş bölüminiň we/ýa-da Toparyň etika boýunça Jogapkär işgärine, işgärler bölüminiň işgärlerine ýa-da

Guramanyň ýolbaşçysy(lary)na, maslahat bermäge ýa-da degişli karara gelmäge mümkinçilik berýän döwürde etika baradaky problemany habar bermegine çagyrýarys.

Olar şeýle hem hereket edýän kadalara laýyklykda Topar tarapyndan döredilen duýduryş platformasyny (https://alertegroupe.bouygues.com) ulanyp bilerler.

Duýdurmak ulgamy duýduryş berijiniň we duýduryş berlen adamyň şahsyýetiniň gizlinligini kepillendirýär. Her niçigem bolsa, duýduryşy alýan adam habarnamany ýygnamakda ýa-da gaýtadan işlemekde ýa-da saklamak wagtynda habar berijiniň we duýduryş berlen adamyň şahsyýetini goramak üçin ähli peýdaly çäreleri görmelidir.

Ak ýürekden we gönüden-göni maddy gazanç höwesi bolmazdan hasabat beren duýduryş berijä hiç hili diskriminasiýa çäresi ýa-da temmi çäresi görülip bilinmez. Duýdurmak ulgamyndaky duýduryşlary dolandyrmagyň proseduralary şu kodeksiň “Duýdurmak ulgamy – duýduryşlary kabul etmegiň we dolandyrmagyň içerki prosedurasy” goşundysynda görkezilýär.

# GOŞUNDY : DUÝDURMAK ULGAMY - DUÝDURYŞLARY KABUL ETMEGIŇ WE DOLANDYRMAGYŇ IÇERKI PROSEDURASY

## KESGITLEMELER

**Duýduryşy kabul ediji:** ol esasanam degişli Iş bölüminiň ýa Toparyň etika boýunça Jogapkär işgäri. Ol habar berijiniň ýolbaşçysy, işgärler bölüminiň Jogapkäri, degişli Guramanyň ýa-da Iş bölüminiň ýerine ýetiriş menejeri ýa ýuridiki direktory bolup biler. Bu wezipede, bellenilen kabul ediji şahsyň, duýduryşlary bitaraplyk bilen kabul etmek we dolandyrmak üçin ukyby, ygtyýary we ýeterli derejede serişdeleri bolmalydyr.

**Kordinator:** Habar berijä malgumaty açyp bermegi ýa habar bermegi ýerine ýetrimegi kömek edýän islendik fiziki ýa hususy hukukly ýuridiki şahsdyr.

**Habar beriji** : ak ýürekden, wepaly işleýän we gönüden-göni maliýe tarapdan öwezini dolmazdan hereket edýän, jenaýat, hyýanatçylykly hereket, jemgyýetçilik bähbidine howp abandyrýan ýa-da Fransiýa tarapyndan tassyklanan ýa goldanan halkara borçnamasynyň bozulandygyny, Ýewropa Bileleşiginiň kanunlary ýa düzgünnamalary esasynda kabul edilen halkara guramanyň birtaraplaýyn hereketiniň bozulandygyny gizlemek synanyşygyny yzygiderli habar berýän ýa aýan edýän islendik şahsyýeti aňladýar.

**Duýduryş platformasy:** Topar tarapyndan döredilen we ähli duýduryşlary kabul etmäge we dolandyrmaga gönükdirilen etika duýduryş platformasyny aňladýar. Aşakdaky salgyda bu platforma girip bilersiňiz:
[https://alertegroupe.bouygues.com](https://alertegroupe.bouygues.com)

### 1 HABARLARY KABUL ETMÄNIŇ ŞERTLERI

Duýduryşyň islendik hasabaty ak ýürekden we göni maliýe öwezini dolmazdan edilmelidir.

Eger-de duýduryşy esaslandyrýan maglumatlar habar beriji tarapyndan onuň ýerine ýetirýän işi sebäpli kabul edilmedik bolsa, onda habar berlen ýa-da aýan edilen faktlar barada onuň özi habarly bolmalydy.

### 2 TOPARLAÝYN DUÝDURYŞ

Eger-de habar beriji ýagdaýyň öz Iş bölüminiň çäginden çykýandygyny göz ýetirse, onda ol degişli Iş bölüminiň etika boýunça Jogapkäriniň ýerine Toparyň etika boýunça Jogapkärini goýup bilýär. Edil şonuň ýaly-da eger ýagdaýyň öz Iş bölüminiň çäginden çykýandygyna göz ýetirse, Iş bölüminiň etika boýunça Jogapkäri Toparyň etika boýunça Jogapkärine duýduryş berip bilýär.

### 3 UGRUKDYRMANYŇ HEREKETLERI

- **Goldaw:** habar beriji duýduryşyny ýazmaça ýa-da dilden berip biler ýöne şeýle-de bolsa gizlin we ygtybarly duýduryş platformany ulanmak maslahat berilýär. Ýazmaça duýduryş, poçta ýa-da, kodlanan bolmagy maslahat berlen e-mail arkaly iberilip bilner. Dilden berilýän duýduryş, telefon, ses habary, ýa-da duýduryşy berijiniň haýyşy boýunça, haýyş alynandan soň ýigrimi iş gününden gijä galman wideokonferensiýa ýa-da ýüzbe-ýüz duşuşyk arkaly berilip biliner. Dilden berlen duýduryş, gurnaýjynyň razylygy bilen telefon gepleşiginiň soň ondan alynyp bojak maglumat göterijä ýazylmak arkaly ýa-da gepleşigiň doly transkripsiýasy arkaly ýa-da aýdylan zatlaryň doly hasabatyny düzmek arkaly hasaba alynar. Duýduryjynyň transkripsiýany ýa-da hasabaty barlamaga, düzetmäge we oňa goluny çekip tassyklamaga hukugy bardyr. Islendik ýagdaýda, ýazgylary, transkripsiýalary we

hasabatlary, diňe, duýduryşy dolandyrmak we duýduryşy berijileri, degişli adamlary we agzalan üçünji taraplary goramak maksady üçin gaty zerur we proporsional bolan wagt dowamynda saklap bolar.

- Mundan başga-da eger duýduryş, duýduryş platformasynda berilmedik bolsa, onda ol, habar berijiniň habardar edilmegi we isleg bildirilen ýagdaýda gizlinliginiň goralmagy bilen Platforma geçirilip bilner.
- **Mowzuk:** hat ýa-da e-mail-den ugrdaylýan hat mowzukda ýa-da mazmunynda onuň duýduryşa degişlidigini anyk görkezmelidir.
- **Maglumat berijiniň şahsyýeti:** habar berijiniň şahsyýetini anyklamaga mümkinçilik berýän ähli maglumatlary berip biler (familiýasy, ady, birikdirilen guramasy, funksiýasy, e-poçta, telefon we ş.m.). Şeýle hem eger ol islese öz hasabatyny neşir edip bilýär. Duýduryş platformasynyň ulanylmagy, habar berijiniň gizlinligini saklamaga mümkinçilik berýär. Hemme ýagdaýda-da adynyň aýdylmazlygyny isleýän habar beriji habarnamanyň gelip çykyşyndaky faktlaryň derňelmegini aňsatlaşdyrmak maksady bilen duýduryş alyjysyna özi bilen alyş-çalyş etmek üçin serişdeleri bermäge çagyrylýar. Eger habar beriji duýduryş platformasyny ulanan ýagdaýynda, şahsy ulanyjy belgisi bilen berlen duýduryşy görüp biler.
- **Kömek:** kordinator habar berijä maglumaty habar bermäge ýa-da gizlin saklamaga kömek edip biler. Ol habar berijä berilýän goraga meňzeş goragdan peýdalanar.

## 4 DUÝDURYŞYŇ MAZMUNY - FAKTLARYŇ BEÝAN EDILMEGI

Habar beriji özüniň duýdurýan predmetleri bolan faktlaryny we maglumatlaryny takyk we obýektiw görnüşde görkezmeli.
Diňe düzgün bozmaklyk baradaky habar beriş ulgamyna degişli bolan bölümleriň we düzgün bozmaklyk baradaky habaryň esaslaryny gözden geçirmek üçin we barlag operasiýasy üçin hökmany gerek elementleri göz öňünde tutulýar.
Habar beriji ähli ýagdaýlarda hem habaryň we bu habar ugradylyp biläýjek şahsyýetiň (şahsyýetleriň) gizlinligini amala aşyrmalydyr.

## 5 SUBUTNAMA – RESMINAMA

Habar beriji, eger-de onuň şeýle elementleri bar bolsa habarlary tassyklap biläýjek, olaryň görnüşine we göterijilerine garamazdan resminamalary, maglumatlary hödürleýär.

Duýduryş ulgamyny ulanmaklykgyň çäginde habar berlen, ýöne duýduryşyň çägine girmeýän islendik resminama, maglumat ýa-da habarlar, degişli guramanyň işgärleriniň fiziki ýa-da ahlak taýdan eldegirmesizligi howp astynda saklaýan ýagdaýdan başgasy, duýduryş alyjy tarapyndan haýal etmän ýok edilýär ýa-da arhiwlenýär.

## 6 HABAR BERIJA BERLEN MAGLUMAT

Habary alandan soňra habar beriji iň köp ýedi günüň dowamynda aşakdakylary ýazmaça görnüşinde alar:

- ýedi günden gijä galman habaryň alynadygy barada tassyknama;
- degişli bolan halatynda duýduryşy işlemek üçin gerek bolup biljek islendik başga maglumat üçin talapnama;
- Üç aýdan köp bolmadyk wagtyň dowamynda habar beriji aşakdakylar barada göz öňünde tutulan ýa-da ýerine ýetirilen işler boýunça hem maglumat alar:

- günäkerlemäniň takyklygynyň bahalandyrylmagy we
- duýduryşda galdyrylan meseläniň düzedilmegi.

## 7 GIZLINLIGE KEPILLIK

Hasabatlar berk gizlinligi kepillendirýän görnüşde ýygnalýar we işlenýär:

- habar berijiniň ýa-da berijileriň şahsyýeti barada maglumat;
- hasabatda görkezilen şahsyýet (şahsyýetler) barada maglumat;
- duýduryşda agzalan islendik adamyň şahsyýeti;
- hasabatda toplanan resminamalar, maglumatlar ýa-da habarnamalar.

Duýduryş alyjy resminamalary, maglumatlary ýa-da habarnamalary ýygnamak, gaýtadan işlemek ýa-da saklamak wagtynda bolsun, howpsuzlygyny we gizlinligini goramak üçin ähli peýdaly çäreleri görýär. Hasabat bilen tanyşmaklyga hususan-da, gaýtadan işlenmegiň çäginde çagyrylan adamlar hem berk gizlinlik borçnamalaryny hökman ýerine ýetirmelidirler.
Hususan-da, duýduryş platformasyna girmeklik yzygiderli täzelenýän ulanyjynyň şahsy ady we paroly arkaly ýa-da başga bir islendik hakyky serişdeleriň kömegi bilen ýerine ýetirilýär. Bu girişler ýazga alynýar we yzygiderliligi barlanýar. Duýduryşy alyjy we hasabat bilen tanyşmaklyk üçin çagyrylan ähli adamlar güýçlendirilen gizlinligiň ýazmaça borçnamasy arkaly özara baglanyşyklydyr. Habar berijiniň şahsyýetini kesgitleýän elementler diňe onuň razyçylygy bilen aýan edilip bilner (kazyýet edarasyna habar bermedik ýagdaýynda).
Hasabatda beýan edilen adamyň şahsyýetini tanap biläýjek elementler diňe duýduryşyň esasly häsiýeti kesgitlenenden soňra ýüze çykyp biler (kazyýet edarasyna habar bermek meselesi bolmasa).

Bu maksat bilen aşakdakylar ýerine ýetirilýär:

- duýduryşlar islendik usul bilen iberilip bilner, ýöne duýduryş platformasynyň ulanylmagy ileri tutulmalydyr, sebäbi ol doly gizlinligi kepillendirýär;
- duýduryşy gaýtadan işlemekligiň çäginde duýduryşy alyjy degişli ýerlerde duýduryş predmeti bilen şahsyýeti kesgitlemäge mümkinçilik berýän ähli ýagdaýlarda adyny ýa-da haýsydyr bir elementi ýa-da maglumaty agzamakdan saklanýar. Ýagny şu ýagdaýlarda (i) eger-de ol kanuny düzgünlere laýyklykda içerki derňew üçin gerek bolsa öz ýolbaşçysyna berlen maglumatlara (göni ýa-da gytaklaýyn), (ii) Iş bölüminiň ýa-da Toparyň etika boýunça Jogapkär işgäriniň maglumatlary we (iii) kazyýet edarasyna berlen maglumatlar. Gönüden-göni ýa-da şeýle bolmadyk ýolbaşçysy we Iş bölüminiň ýa Toparyň Jogapkär işgäri hem edil duýduryş alyjy ýaly berk gizlinligi ýerine ýetirmelidirler.

## 8 DUÝDURYŞ ALAN ŞAHSYÝETLERIŇ HUKUKLARY

Duýduryş alan islendik adama, ol kompýutere girizilenmi ýa ýok, ol baradaky maglumatlary hasaba alynan badyna Duýduryş alyjy tarapyndan duýduryş gelýär. Ol oňa girip bilýär we nädogry, düşnüksiz ýa-da könelişen bolsa, onda onuň düzedilmegini ýa-da bozup aýyrmagyny haýyş edip bilýär. Ol öz hukuklaryny duýduryş alyjy bilen amala aşyrýar.
Haçan-da duýduryş bilen baglanyşykly subutnamalaryň ýok edilmeginiň öňüni almak üçin ätiýaçlyk çäreleri zerur bolanda, duýduryş bilen baglanyşykly adamyň maglumatlary bu çäreler kabul edilenden soň bolup geçýär.

Duýduryşy kabul ediji günäkärlenýän adamy habardar edýär. Isleg bildiren ýagdaýynda, arz edilen adam aşakdaky maglumatlary alyp bilýär:

- Toparyň duýduryş hereketlerini düzgünleşdirýän bu düzgünleriň göçürmesi; we
- duýduryş ulgamy bilen bagly bolan degişli hereket edýän kanuny düzgünleriň göçürmesi.

Duýduryş alan adam hiç bir ýagdaýda habar berijiniň şahsyýeti baradaky maglumaty alyp bilmez.

## 9 DUÝDURYŞY IŞLÄP TAÝÝARLAMAK

Duýduryşy alýan, eger-de ol Iş bölüminiň etika boýunça işgäri bolmasa, bu barada habar bermeli we onuň pikirini almaly. Duýduryş alyjy hem Toparyň etika boýunça Jogapkär işgäriniň ýa-da degişli etika komitetine habar berip we onuň pikirini alyp biler.
Deslapky gözden geçirilişiň çäginde duýduryşy alyjy habar berijiniň hakykatdanam bu amalyň çäginde we hereket edýän düzgünlerde kesgitlenen şertlere laýyklykda hereket edendigini göz ýetirýär. Eger-de ol munuň beýle däldigine göz ýetrise onda ol derrew habar berija duýduryşyň kabul edilmezliginiň sebäpleri barada habar berýär. Ýöne eger-de ol göwnejaý hasaplasa, habar berijiden zerur bolan halatynda synyny gözden geçirmezden ozal goşmaça maglumat bermegini haýyş edip biler.
Esasy duýduryşy täzeden işlemegiň çäginde duýduryşy alyjy duýduryşyň esasynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny barlamak maksady bilen zerur hasaplaýan ähli derňewleri geçirip biler. Bu maksat

bilen hem bu derňewe ol hususan-da gizlinlik borçnamalaryny berk berjaý etmek bilen öz ýolbaşçysyny (eger-de ol günäkärlenmeýän bolsa) ýa-da duýduryşy barlamaklyk ýa-da gaýtadan işlemeklik üçin zerur hasaplaýan işgärini çekip biler. Ol öz derňewleriniň bir bölegi hökmünde, eger-de ol zerur diýip hasap etse, gizlinlik babatdaky iň berk talaplary berjaý etmeli islendik daşarky hyzmat üpjün edijisini belläp biler.
Eger zerur bolsa ol habar berijiden goşmaça takyk maglumatlary soraýar.

Eger-de duýduryşy kabul ediji özüne garaşylýandan has uzak möhlet gerek diýip hasaplasa, onda ol bu barada habar berijä habar bermelidir, eger zerur hasaplasa, bu goşmaça döwrüň sebäplerini we duýduryşy gaýtadan işlemegiň häzirki ýagdaýyny görkezmelidir. Duýduryşy gaýtadan işlemek, hususan-da, garşydaş ýörelge we zähmet kanunlaryna laýyklykda amala aşyrylýar.
Duýduryş maliýe taýdan göni öwezini dolup bilmez.

## 10 DUÝDURYŞ ESASYNDA INDIKI HEREKETLER – DUÝDURYŞY TÄZEDEN IŞLEMEGIŇ ÝAPYLMAGY

Duýduryş derňewi tamamlanandan soňra, bikanun hereketleri eden ýa-da oňa gatnaşan adamlara garşy jeza çäresi berlýär, şeýle hem eger zerur bolsa, bellenen islendik bozulmalara gözegçilik edilmegi üçin administratiw ýa-da kazyýet edaralaryna ýüz tutulýar.
Habar beriji hasabatyň dowamy barada "habar berme platformasy"nyň üsti bilen ýa-da gizlin poçtanyň ýa-da e-mail poçtanyň kömegi bilen habar berýär. Mundan başga-da, Habar berijä we ol tarapyndan gatnaşýan adamlara habar bermek amallarynyň ýapylýandygy habar berilýär.
Jedelli derňew gutarandan soňra, oňa hiç hili yzarlama berilmese, hasabat faýlynyň elementleri, degişli adamy (şahsyýetleri) anyklamaga mümkinçilik berýän elementler gysga wagtda ýok edilýär ýa-da arhiwlenýär (gaýtadan işlemek amallary gutarandan soňra iki aýdan köp bolmadyk döwürde).
Ýok etmegiň usullary islendik goldawy ýa-da elementi, esasanam kompýuter goldawynda peýda bolan maglumatlary öz içine almalydyr.

DUÝDURYŞYŇ NETIJELERI

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, ak ýürekden we gönüden-göni maliýe öwezini dolmasyzdan işini ýerine ýetiren we bu proseduranyň şertlerini ýerine ýetirip duýduryş işlerini ýerine ýetiren Habar berijiniň ýa-da Koordinatoryň garşysyna hiç hili jeza çäresi, haýsydyr bir haýbat atmak ýa-da şeýle çäräni görmek synanyşygy ýaly temmiler berilmez. Eger-de hasabat ýa-da aýan edilen maglumatlar gözden geçirlýän gyzyklanmalary goramak üçin zerur bolan bolsa, onda oňa hiç hili raýat jezasy berilmeýär.
Beýleki bir tarapdan, habar bermek mehanizmini erbet maksat üçin ulanmak ýa-da nädogry ulanmaklyk onuň awtoryny düzgün-nyzam temmilerine we şeýle hem kazyýet işine hem sezewar edip biler.

## 11 AMALLARYŇ ÝAÝRADYLMAGY

Bu amal Toparyň ahlak kodeksiniň Goşundysydyr. Ol işgärlere islendik degişli usul bilen habar berilýär:

- mümkin boldugyça täze gelen ähli işgärlere ahlak kodeksini paýlamak;
- internetiň we "Buig"-iň, Iş bölümleriniň internet sahypalarynda ýerleşdirmek; we
- bu maksat bilen bölünip berlen edaranyň panellerinde ýerleşdirmek.

## 12 HUKUK DÜZGÜNLERI

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, habar beriji ygtyýarly daşarky häkimiýetler bilen duýduryş berip biler. Bu prosedura, ýerli hukuk kadalary has çäklendiriji bolan ýagdaýynda zerurlyk ölçeginde girizilip biliner.

## ETIKA BOÝUNÇA JOGAPKÄR IŞGÄRLERIŇ SANAWY (TOPAR, IŞ BÖLÜMI)

| Iş bölümi | Ady | Salgysy (Fransiýa) |
|---|---|---|
| **Topar we/ýa-da Buig SA** | M. Didier CASAS | Salgysy : 32 avenue Hoche<br>75378 Paris Cedex 08<br>Tel. : +33 (0)1 44 20 10 18 |
| **Buig Konstrakşn** | Mme Isabelle BALESTRA | Salgysy : 1 avenue Eugène Freyssinet<br>78280 Guyancourt |
| **Bouygues Immobilier** | Mme Pascale NEYRET | Salgysy : 3 boulevard Gallieni<br>92130 Issy-les-Moulineaux<br>Tel. : +33 (0)1 55 38 26 24 |
| **Equans** | Mme Ivana ZOVKO | Salgysy: 49 rue Louis Blanc<br>92400 Courbevoie |
| **Colas** | M. Emmanuel ROLLIN | Salgysy : 1 rue du Colonel Pierre Avia<br>75015 Paris<br>Tel. : +33 (0)1 47 61 74 74 |
| **TF1** | Mme Julie BURGUBURU | Salgysy: 1 quai du Point du jour<br>92100 Boulogne-Billancourt |
| **Bouygues Telecom** | Mme Juliette LALLEMAND-VICTOR | Salgysy: 37-39 rue Boissière<br>75116 Paris<br>Tel. : +33 (0)1 39 45 33 66 |

32 avenue Hoche
F-75378 Paris Cedex 08
Tel. : +33 (0)1 44 20 10 00
bouygues.com
Twitter : @GroupeBouygues

**DUÝDURYŞ**

**Bu resminama 2022-nji ýylyň dekabrynda hereket edýän düzgünleri gözden geçirýär**

**Zerur bolan halatynda ol täzelener we diňe Internetde, bouygues.com. saýtynda ýaýradylar.**

2014 • Täzelenen: 2023-nji ýylyň marty
Ahlak kodeksi, Korrupsiýa garşy göreşde özüňi alyp barmagyň kadasy, Buig toparynyň Laýyklyk Programmalary (bäsdeşlik, maliýe maglumatlary we Birža amallary, gyzyklanma gapma-garşylygy, we ykdysady sanksiýalar we eksport çäklendirmeleri) Toparyň internetinde (ByLink) elýeterlidir.